# Moda hakda modasyz goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Moda hakda modasyz goşgy MODA HAKDA MODASYZ GOŞGY



Saç-sakgal,
Dyrnak – hyna,
Ýa añry-bärijik asynmak boýna,
Alym bolmaklyga nobata durmak,
Aý, ol ýöne…
Paşmak-gulakjyn,

Köýnek-balak,
Başdan-aýak,
Ondan ulukjyn,
Barybir bu zatlar az bolýar juda – moda.
Ýylgyrmak – moda,
Dul galmak – moda,
Gowja bolmak – moda,
Deýýuslyk – moda,
Kibtiñ gysyp
Gün görmek busup – moda,
Betnamlyk – moda,
Biparhlyk – moda,
Bigamlyk – moda,
Ýaşamak – moda,
Öýe daşamak – moda.
Ýañy gözün açyp dünýäni gören
Diýer: «Maña-da
Maña-da» diýmek – moda.
Modañ özi – moda,
Moda garrasa – kada…
Bu edil,
Pul – Haryt – Pul,
Kada – Moda – Kada,
Moda – Kada – Moda.
Modalar ýürege düşäýýär käte,
Ýalñyşýarmykam men, dostlarym, ýa-da?!
* * *

Bu gün deñiz ýaraşdy
El ýetmez kenar bilen.
Emaý bilen ýanaşdy
Döşi daşly ýar bilen.

Tapmady ýar göwnüni
Düýn möwç urup, möwç urup.
Bu gün ýary görmeli,
Tolkunlara öwdürip.

Suw ýüzi keşdelener
Tolkunlar pyşyrdanda.
Pyşyrdylar eşdiler

Güýçlüler ýuwaşanda.

Bu gün deñiz asuda,
Gizläp ahyn-ahmyryn.
Deñiz ýatan şor suw däl,
Deñiz janly ahyryn.

Günüñ beren dürlerin
Kenaryna getirýär.
Sandyradyp gollaryn
Ýene ýolun ýitirýär.

Gözel kenar ýokarda
Deñiz üçin eletmez.
Gara deñiz çukurda
Barybir süýnüp ýatmaz.

* * *

Ýagşy zatlar az hem bolsa,
Kän diý.
Höwri köp bolsun.
Ýaman zatlar kän hem bolsa,
Az diý.
Goý, ol ýok bolsun.

- **ARY**

Penjireden girip ary
Çykyp bilmän hälden bäri
Urunýar, gelýär gahary,
Wah, mahaw ary!

Çykjak bolýar erkinlige,
Tokaýa ýa ekinlige.
Şireli güllere gonjak,
Gül açan baglara gonjak.

Dyzaýar, gözleýär deşik,
«Wyzlaýar» ýürege düşüp.

Golaýna bardygyñ çakar,
Barmasañ, ol nädip çykar?

Urýar özüni her ýere,
Ýogsa, açyk-la penjire.
Aýna urnup halys boldy,
Meniñ oña haýpym geldi.

Howa maýyl, gün çykyp dur,
Meýdana köp gül çykypdyr,
Emelsiz, akmajyk ary,
Öýñüzi taparmyñ beri!

Açaýyn men äpişgäni,
Saklamaly işleýäni.
Bar, ary, balary bolmasa,
Bal bolmaz, güle gon, bal ýasa!

* * *

Bigünä çagaka alyp adam at,
Epigramma üçin döredilen zat.
Ony-muny çyrşar misli bir eser,
Özüne güýmenje tapypdyr ýeser.

Başy tüýjümegräk, akyly köse,
Tebigatyñ kinaýasy bu eýse.
Onda gezekleşip gelýär: selçeñ-syk,
Seýregräk duş gelýän dykyzja samsyk.

Bapba GÖKLEŇ. Goşgular